# Ömrüň güýzi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ömrüň güýzi ÖMRÜÑ GÜÝZI

Kertilipdir ömür, eslisi geçip,
Bildirýär güýzüňem ýetip gelýäni.
Bildirýär güneşiň howury gaçyp,
Gara bulutlaryň agram salýany.

Şuwlap-şuwlap geçýär naýynjar şemal,
Ýapragy saralan baglaň içinden.
Meniň göwnüm bolsa daglaň içinde,
Azaşyp gözleýär yza dogry ýol.

Yza geçmişime, ýaşlygma sary,
Ýol gözleýän, arman tapyp bilemok.
Manysyz geçirlen ýyllaň azary,
Basýar, aşagyndan sypyp bilemok.

Kertilipdir ömrüň esli bölegi,
Bildirýär, güýz pasly golaýlaşýardy.
Ýapraklar ýatladyp tylla balygy,
Guýruklaryn bulap ýere düşýärdi.

Baglaram otyrlar, başlaryn sallap,
Her gaçan ýapragny kalbynda belläp.
Olar hem umytda, ynsanlar kimin,
Güýz geçer, gyş geçer, ýaz geler gülläp,
Ýene gülzarlyga öwrüler zemin.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular